# Ýumşak we täsirli güýç

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýumşak we täsirli güýç ÝUMŞAK we TÄSIRLI GÜÝÇ




*Birleşen Korollykda Içeri işler ministrligi we hökümet bilen ýokary okuw jaýlarynyň arasynda aç-açan çaknyşyga şaýat bolmaga başladyk.*
*Birleşen Korollygyň Içeri işler ministri Suella Brawerman / Fotosurat: AP*

Medalyň iki ýüzüniň bolşy ýaly, güýjüňem iki ýüzi bar: gaty ýa-da gödek we ýumşak.

Birinjisinde, göz öňünde tutulan syýasy maksatlara ýetmek üçin haýbat atmaga, harby güýç ulanmaga ýa-da ykdysady sanksiýalary girizmäge ýüz urulýar.

Ýumşak güýç bolsa (hünärmenleriň pikirine görä) syýasy maksatlary, başgalarynyň çemeleşmelerini olary mejbur etmezden boýun etme we özüne çekme ýoly bilen üýtgedip amala aşyrma ukubydyr.

Meselem, institutlar, uniwersitetler, edara-guramalar ýaly ýokary bilim berýän merkezleri ýumşak güýç toparyna girýär. Elbetde, munuň bilenem çäklenmeýär. Medeniýet, düşünje, sungat, syýasat, metbugat organlary-da şuňa degişli.

Parahatçylykda ulanylyşy ýaly, mümkinçiliklerinden peýdalanmak ücin uruş döwürlerinde-de ýumşak güýç ulanylyp biler.

- **Breksit we syýasy humar**

Şunuñ bilen baglanyşyklylykda soñky wagtlarda Birleşen Korollykda ministr Suella Brawermanyñ ýolbaşçylygyndaky Birleşen Korollykda Içeri işler ministrligi bilen wekilçilik edilýän hökümet bilen ýokary okuw jaýlarynyñ arasynda aç-açan çaknyşyga şaýat bolmaga başladyk.
Ýoldaş Brawerman, (La-Manş bogazynyñ Fransiýa tarapyndan gelýän bikanun migrant katerlerini we sanlaryny düýpli azaltmak babatdaky geleñsizligini düzetmek üçin) maşgalalary bilen bile Birleşen Korollyga bikim almak üçun gelýän daşary ýurtly talyplara garşy wiza çäklendirmelerini girizmäge başlady. Ministriñ çäklendirme tutaryklaryna degişli düşündirişinde aýtmagyna görä bu talyplar okuwyny tamamlandan soñ ýurtlaryna gaýdyp barman, maşgalalary bilen bile Birleşen Korollykda galmagy saýlaýar.




Ýokary okuw jaýlary girizilýän çäklendirmelere garşy çykýar, çünki bu olara takmynan 40 milliard sterlinge ýeteňkirleýändigi çaklanýan uly maliýe çeşmesinden mahrum edýär.
Bu bolsa ýokary okuw jaýlaryň okuw programmalaryna, aýratynam praktiki bilim ulgamlarynda laboratoriýa we meýdan işleriniň maliýeleşdiriş tarapyna ýaramaz täsir eder.
Birleşen Korollygyň kanunlary daşary ýurtly talyplaryň okuwyny gutarandan soň iki ýyl ýurtda galmagynda rugsat berýär. Ýoldaş Brawerman muny alty aýa getirmek isleýär.
Iki zady akylynda aýlaýan adam şu meselede pikirini bölmese gerek: Ýurduň ýokary okuw jaýlary ylmy mümkinçilikleri bilen

näçe meşhur we talyplaryny ylmy taýdan taýýarlamak üçin nähili ösen derejede bolsa, dürli ýurtlardan gelýän talyplary özüne çekmek boýunça şolar ýalam öňde bolup biler.
Munuň netijesinde şol ýurt iki utuş gazanýar. Ilki bilen gelýän talyplaryň tölegleri bilen okamaga, ýatyp-turmaga, iýip-içmäge, geýinmäge we beýleki zatlara edýän çykdajysy üçin sowýan pulundan maddy girdeji gazanýar.
Soňra gelejekde bu talyplar öz ýurtlaryba gaýdyp baransoň, jogapkärli wezipelere göterilse, bu olaryň okap gelen ýurdunyň bähbidine bolýar.
Birleşen Korollykda düşünje we maslahat beriş guramasy (Think Tank) bolan Ýokary Bilim Syýasaty instituty (Higher Education Policy Institute/HEPI), Birleşen Korollykda we dünýäniň beýleki ýurtlarynda ýokary bilim ulgamynda ýumşak güýjüň halkara derejesinde ölçelmegi boýunça spesialistleşipdir.
Gurama esasanam Birleşen Korollykda we dünýäniň başga ýerlerinde ýokary bilim alan we has soňra öz ýurtlarynda öňe saýlanan daşary ýurtly talyplaryň sany boýynça ýyllyk habarnamalary (indeksleri) çap edýär. Bu institut ministr Brawrmana garşy göreşýänleriň hataryna goşuldy.
Çünki, guramanyň pikiriçe ministriň karary ullakan ýalňyşlykdan ybarat we wagtyň geçmegi biken Birleşen Korollygyň haljara arenasynda täsiriniň azalmagyna getirer.
Birleşen Korollygyň habar beriş organlarynda çykan habarlarda institutyň ilkinji habarnamalarynyň 2017-nji ýylda çap edilendigi aýdylýar. Habarnamada aýdylmagyna görä, dünýäde jemi 358 patyşa, 58 prezident we hökümet ýolbaşçysy Birleşen Korollygyň ýokary okuw jaýlarynda bilim alypdyr.
Şeýlelikde, Birleşen Korollyk bu boýunça dünýä ýurtlarynyň arasynda birinji ýerde durýardy. Sanawyň ikinji ornunda bolsa ABŞ bardy.
Soňky ýyllarda ýagdaý üýtgedi. ABŞ Birleşen Korollygy ýerinden süýşürip, birine ýere oturmagy başardy.
Geçen ýyl ABŞ Birleşen Korollyk bilen arasyndaky uçurymy hasam çuňaltdy. Birleşen Korollygyň premýer-ministri Rişi Sunak bilen bir hatarda dünýäniň dürli ýurtlaryndaky 67 döwlet ýolbaşçysy we hökümet başlygy amerikan ýokary okuw jaýlarynda okapdy. Birleşen Korollygyň ýokary okue jaýlarynda bilim alanlaryň sany bolsa elli bäş.
Şu ýyl Birleşen Korollyk ýokary okuw jaýlarynda okap, öz ýurtlarynda häkimiýet başyna geçenleriň sanyny dörde köpeldip,

uçurymy az-owlak daraltmagy başardy.
Munuñ deregune amerikan ýokary okuw jaýlarynda okanlardan wezipesini elden gideren ýolbaşçylar bilen ABŞ iki sanyny kemeltdi.
Fransiýa ýokary okuw jaýlarynda okan otuz prezidenti we hökümet ýolbaşçysy bilen şu ýylky sanawyñ üçünji ornuna ýerleşdi. Geçen ýyl bu san otuz birdi. Russiýa bolsa 10 sany bilen dördünji ýerde durýar.
Juma BUKLEÝB.

Duşenbe, 04.09.2023 ý. Publisistika